# Ýolugra sere gelen setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýolugra sere gelen setirler ÝOLUGRA SERE GELEN PIKIRLER

Hany atañ, hany eneñ?
Gidejek sen, dostum, senem!
Sanaýynmy ýenem, ýenem,
Gerekmejek pişe bolar.

Nem dammasa arşdan ýere,
Öwrülermi toprak zere?
Agram salar herdem sere,
Ýygnajagyň hoşa bolar.

“Men baý” diýme, ogry şepe,
Egri diýme, dogry gepe.
Dag bolarmy, heý-de, depe?
Beýle baýlyk boşa bolar.

Rysgal gidipdir saçakdan,
Bal bolarmy, heý, paçakdan?
Mal ölmese, däl pyçakdan,
Mal bol bolsa göşe bolar.

Görüp arşda “gotanyňy”,
Bilmersiň söz gatanyňy.
Harlamasaň hatynyňy,
Törüňdäki Äşe bolar.

Döwür şeýle, hoş pallaýar,
Görenini boş aldaýar.
Sen beýle bolma, Allaýar,
Itiň güni başa geler.

17.12.2022. Goşgular